# Aý geçer, ýyl geçer…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Aý geçer, ýyl geçer… AÝ GEÇER, ÝYL GEÇER…

Aý geçer, ýyl geçer,
Döwür aýlanyp,
Ak garly daglar dek agarar başym.
Çagalarym toý tutarlar öýlenip,
Agtykdan-çowlukdan dolar meň daşym.

Aý geçer, ýyl geçer,
Döwür aýlanyp,
Açylar ýene-de müň dürli syrlar.
Heniz ses ýetmedik ýerler şaýlanyp,
Kommunizm bossanyna öwrüler.

Aý geçer, ýyl geçer,
Döwür aýlanyp,
Belki, ol garrylyk eýelär dyzy…
Emma kalbymdaky täze aýdymlar
Şonda-da wasp eder bu gözel ýazy.

Anna GURTGELDIÝEW.

«Edebiýat we sungat» gazeti, 19.07.1958 ý. Goşgular